# «Hamasyñ» sýurprizi: Soñ näme bolarka?

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
"Hamasyñ" sýurprizi: Soñ näme bolarka? «HAMAS»-yñ SÝURPRIZI: SOÑ NÄME BOLARKA?




*«Hamasyñ» başlan bu urşundan ilki bilen kimleriñ peýdalanýandygyny öwreniñ*

«Hamas» bilen Ysraýylyñ arasynda Gazzeniñ daşynda we soñabaka içinde dowam eden urşuñ başlanmagyndan birnäçe gün öñ Eýranyñ dini lideri Ali Hamaneý «X» platformasyndaku hasabyndan şu gysga beýanaty berdi: «Sionistik režim soňky demini sanaýar».
Bu beýanat 3-nji oktýabrda berildi. Birküç günden soñ Gazzäni dolandyryp oturan «hamasçy» militanlar taryhynyñ iñ uly we iñ howply harby howpsuzlyk operasiýalaryna başladylar.
Ysraýyly raketa ýagmyryna tutdular we yzyndan göçüp gelýän jöhitleriñ ýaşaýan birnäçe ysraýyl ilatly punktuna hüjüm etdiler.
«Hamasçylar» Gazzäniñ töweregindäki ilatly nokatlaryñ ýaşaýjylaryndan öldürip bilenlerini öldürdiler we 100-170 töweregi ysraýyllyny ýesir aldylar.

Oktýabr aýynyñ dokuzynjy gününr girilende Ysraýyl urşuñ ýañy başlandygyny we resmi taýdan uruş yglan edilendigini jar etdi.
Eýranyñ «Rewolýusion gwardiýasynyñ» organiki şahamçasy hasaplanýan Liwan «Hizbullahy» «Hamas» bilen güýç birikdirmek üçin Ysraýyl tarapy bilen Liwanyñ serhetinden bilgeşleýin kiçiräk ýaragly çaknyşyga girdi.
Öñräk beren beýanatynda-da «Hamasyñ» bu urşunyñ «Arap we yslam dünýäsine, bütin halkara jemgyýetçilige, aýratynam bu duşman bilen dil tapyşmagyñ ýoluny gözleýänlere signaldygyny» aýdypdy.
Ine, üns bermeli ýerimizem şu: hawa, Gazzede we belki-de Günbatar Şeriada islendik pursat dartgynlylygyñ möwjäp gidibermegi üçin düýpli sebäpler bar. Bu dogry, ýöne bu gezek «Hamasyñ» urşy öñden meýilleşdirip «bilkastlaýyn başlandygyny» we dartgynlylygy belli bir wagta çenli möwjetmekde üstünlik gazanandygyny gözden salyp bolmaz.
A soñra näme?!.
Hamaneýiñ uruşyñ öñisyrasy aýdyşy ýaly Ysraýyl ýok bolýarmy ýa-da soñky demini sanaýarmy we aýdylan soñky demini sanama haçana çen dowam ederkä?




Hakykatda, pöwhe arap elitalarynyñ bir böleginiñ hernäçe öwgi deñzini boýlap, özlerinden geçjek derejede bolup geçýän wakalara buýsanýan şygyrlar aýtsalar-da Ysraýyl ýok bolup

gidäýmez.
Birnäçe esse güýçli bolan tarap Ysraýyl. Bu ýerde iñ uly mesele şu:
«Kassam» brigadalarynyñ kyýamata çalym edýän jeñbazçylykly ýoly sebitiñ we dünýäniñ saýlap alan ýolumy?
Bärde bir hakykat bar: käbir tarapdarlaryñ gohlaryne wagyrdylaryna garamazdan, birinji şokdan soñ işleriñ umumy kontroly Ysraýylyñ elinde bolar.
Ysraýylyñ berjek ilkinji garşylygyny we signallaryny eýýämden Goranmak ministri Gallantyñ beren beýanatynda gördük.
Goranmak ministri Ysraýylyñ Gazze sektoryndaky jogabynyñ nähili boljakdygy hakda şeýle diýdi:
«- Öñümizdäki elli ýylyñ dowamynda göz öñünden gitmejek jogap beriler we «Hamas» muny başlandygy puşman eder. Status-kwo nesiller üçin üýtgär».
Ysraýyl häzire çenli 700 adamyny ýitirdi, 1973-nji ýylyñ urşunda bolsa, 2.600-a golaý adamyny ýitiripdi
Ýagny, urşuñ dowam eden ýagdaýynda Ysraýylyñ ýitgisi 1973-nji ýylyñ oktýabryndaky uruşda çeken adam ýitgisiniñ üçden birine golaýlap biler.
Munuñ özi Ysraýylyñ standartlaryna görä alanda juda uly görkeziji we esasanam psihologiki taýdan juda howply.
Sorag şu: Tel-Awiw bu gezek «Hamasy» doly ýok edip biljekmi?
Şular ýaly ýagdaýlarda Ysraýylyñ hemişeki içerki tankydy belliklerini okanymda, hökümeti dolandyryp gelen wagtyndan bäri ýöredýän syýasy ugry sebäpli Netanýahuny ýepbekläp gelýän Nahum Barneanyñ «Yedioth Ahronoth» gazetinde edýän çykyşlary ünsümi çekdi.
Barnea «agzyny alart-da höküm sür» we «näme şo bolsun, atyşygy bes et» syýasaty bilen «Hamasy» palestin hökümetiniñ garşysyna çykjak derejede öñe geçiren adamyñ Netanýahudygyny aýdýar.
Geçen aýlarda «Hamas» hereketine 20 müñ gazzelä işlemäge rugsatnama berilmegi, eksportyñ artdyrylmagy we katar fondlaryna akdyrylmagy ýaly goşunyñ wada berendigini nygtaýar.
Özüni «hökümetiniñ goranmak ministri ýaly» alyp barýan Smotriç öñräk «Hamasyñ» tapdyrgysyz hazynadygyny, palestin hökümetiniñ bols artykmaç ýükdügini aýdypdy.
Netanýahu dowam edip gelýän düzgüni üýtgetmäge taýýarmy?
Soñra, «Hamasyñ» başlan bu urşundan ilki bilen kimleriñ peýdalanýandygyny öwreniñ.
Mişari ZEÝDI,

Saud Arabystanly žurnalist.

Sişenbe, 10.10.2023 ý. Publisisistika